# Syrl-u-syrsyz setirler

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe
написано kitapcy | 23 января, 2025
Syrl-u-syrsyz setirler SYRL-U-SYRSYZ SETIRLER

»Gadyrly redaksiýa, siziň sahypalaryňyzda çap edilýän materiallar maňa ýaraýar. Söýgi hakda pikirlenmeli, ýöne dostluk, bagt hakynda hem oýlanmasaň bolmaz. Men iki gyzy oňat tanaýaryn, olaryň biri Bahar, biri Sona. Olar jora ýalydy, ýöne Bahar bilen söýüşen Sähet öýlenende, Sona bilen toý tutdy. Hany, bu ýerde joraň sarpasy, dostluk söýgi. Soň bir gün Sähet Sonany hem Bahary taşlaýşy ýaly taşlamaz diýip bolarmy? Durmuş irde – giçde ähli zady ýerbe-ýer edýär ahyry…»

Ogulnäzik,
Daşhowuz welaýaty,

* * *

»Biziň maşgalamyzda agzalalyk başlandy. Kakam ejem bilen oňuşman ugrady. Men bu zatlara çydaman bu haty size ýazmagy makul bildim hem-de sizden maslahat soramakçy. Men bu wakalaryň soňunyň gowy gutarmajagyny duýup, gaýgy edip, ýürek agyra duçar boldum. 10-njy klasda okap ýörün, eýýäm saçlarym agaryp ugrady. Men bu zatlary görüp, eşidip, çydaman janyma kast etmek üçin birnäçe gezek synandym, ahyrynda hem sizden maslahat soramagy makul bildim. Men derdimi paýlaşara adam gözledim. Emma tapmadym, şeýdibem size hat ýazdym.

G.
Balkan welaýaty.

* * *

»…M, hemme oglanlar öz gezýän gyzlaryny synap, tanap alýarlar, men hem seni anyklap aljak, gyzdygyňy» diýdi. Tas ýüregim agzymdan çykypdy. »M, seň diýýän zadyň näme, maňa ynanmaýan bolsaň, alma-da, gyz gyt däl» diýdim. Gepiň gysgasy, ol maňa öňden duzak gurup goýupdyr, menem şoňa düşdüm, namysymy

depeläbem ýitip gitdi. Indi men bu dünýäde näme üçin ýaşap ýörenimi özümem bilemok, boş göwre bolup galdym, bar arzuwlar çym-pytrak bolup dargap gitdi, gelnalyjym gelip boldy öýdýän. Indi men hiç kime gerek däl. Özümiňem ýaňy 18-im doldy. Hiç zat gözüme görnenok, ölenimi müň paý gowy görýän welin, janam bir süýji zat-da. Ajalyň ýetmese, ölübem bolanok eken. Belket, hudaý men aldanan gyzlaryň iň soňkusy bolaýyn…»

G.
Aşgabat şäheri.

* * *

Ogulnäzik iň gymmatly zat – dostluk, dostluga wepadarlyk hakynda söz açýar. Jorasy hem söýgülisi elinden gidendir öýdüp ýören Bahar biwepa dosty hem söýgüsini ýitireni üçin gynanyp ýörmeli däl. Bahara biwepalyk eden bolsa, ol beýleki golaý-goltumlaryna-da wepa beräýmese gerek. Ýol uzak, heniz Bahar ýaş, ol özüne wepadar ýoldaşdyr jora saýlap biler diýip, boljak ýöne bu bir dürli adamlardan, dürli pikirlerden doly giň dünýä, munda birtaraply pikir etseň, ýalňyşaýmagyň hem daş däl. Eger Baharyň jorasy, söýgülisi durnuksyz adamlar bolanlygynda olardan el üzüp oturybermek kyn zadam däl. Wakalara giňiräk seretseň welin, beýleki bir hakykatyň hem bolup biljekdigini duýýarsyň. Sona bilen Baharyň joradygyny Ogulnäzik öz hatynda habar berýär, ýöne Sähet öň Sona bilen tanyşmy, dälmi biz ony duýamzok. Biz diňe Sonanyň Sähede durmuşa çykandygyny bilýäris. Sonanyň Sähede mejbury bolup durmuşa çykmandygyny, başgaça aýdanyňda özüni hödürlemändigini, ýa şoňa meňzeş bir ýoly saýlamandygyny hem haty okasaň duýup bolýar. Eger şeýle bolsa, Sonanyň özüne çekýän, özüni söýdürip bilýän bir aýratynlygynyň bolandygyny hem boýnuňa alyp boljak. Şonuň ýaly bir pursat gelýänçä, Säher Sona Baharyň jorasy hökmünde garap biler, soň bir ýagdaý bilen (belki, bir agyr ýagdaý ýüze çykanda, ilki Sona kömege ýetişendir, belki, ýene bir pursatda Sinanyň adamkärçiligi, jomartlygy… Şäheriň ýüreginde yz goýmagy başarandyr… Ýüregiň, onda-da ýaş ýüregiň juda näzik, juda duýgur bolýandygy mälim

zat) Sona özüniň Sähede ömürlik ýanýoldaş boljakdygyny subut edip bilendir. Ömürlik ýoldaş bolmak diýmek jogapkärli zat. Ol seniň iň gowy, iň kyn günüňde düşýän ýüki deň çekişip biljek adam bolsa, oňa bagtly diýilýär. Şol bagta ýetmek üçin ata-babadan bäri iň akylly, iň döwletli adamlaryň ömür ýollary öwrenilýär. Her kim nesliniň özünden hem bagtly bolmagynyň aladasynda. Ýaş adamlar durmuşa çykjak ýa öýlenjek wagtyna çenli oýlanyp, ölçerip döküýär. Sebäbi akylly-paýhasly, edermen perzendi» bolan adamlaryň ähli-kowum-garyndaşyna abraý ýetýär. »Hä-ä, bu adam şo-ol ady belli, abraýly adamyň kowumyndandyr» diýilýär. Şeýle zatlary bilýän adam öýlenmäge ýa durmuşa çykmaga mynasyp ýanýoldaş gözleýär. Tapdym hasap edenden soň bolsa, ol pikirini üýtgedibem biler, aslynda-ha ýazgyt diýlen zat hem ýöne bir aýdylyp goýberilen gep bolmaly däl. Käbir adam öz sataşanyna göwni ýetmän, has ýaramazyna duşup ýör, bu ýagdaýyň tersine bolýan halaty hem az däl. Şonuň üçin bir adamyny günäkärlemezden öň her bir adamynyň durmuşynyň köp tarapynyň bardygyny ony ähli taraplaýyn öwrenip, belent bolup belli netijä gelmelidigini ýatdan çykarmaly däl.

Balkan welaýatyndan G. atly gyzyň ýazan hatyny okap, onuň çykgynsyz güne düşendigini duýduk. Gyzyň adyny, atasynyň adyny onuň özi haýyş edensoň, doly alyp bilmedik, ýöne »kakam ejemi halanok günümiz bir bolsa, agzala günümiz iki. Ejeme-de nebsim agyrýar, kakamyň hem ýüzüne gelip bilemok. Oňa, ýagny kakama gep düşündirip bilýän ýok, öz ejesinem diňlänok, kakasynam…» Şular ýaly hatlar redaksiýa gelip dur. Bu ýerde belli bir zat diýseň, ýalňyşmagyň mümkin. Sebäbi belli bir zat diýmek üçin şol maşgalanyň ýaşaýşyna belet bolmaly. G. atly gyzyň ene-atasynyň öz perzentleriniň duşan ýagdaýyndan kän bir habary ýok bolara çemeli. Olar ýaş gyzyň ýanynda aýtmaly hem aýtmasyz zatlary seljerýän adamlaryň bilinden däl ýaly. Belki, gyzyň kakasy içegendir, belki, ol näsagdyr, biz bu zatlary bilemzok. Içegen adamlar bilen näsaglaryň dünýägaraýşynyň üýtgeýändigini gyzyň özi hem bilýändir… Şeýle-de bolsa, şol içerde ýaşamagyň juda kyndygyna welin düşünýäris.
Oňaryp boldugyça öz gyzyňyz bilen açyk gürleşmegiň ýoluny

tapsaňyz, oňa ýagdaýy öz diliňiz bilen düşündirseňiz, gyzyňyzy ýüregini tutmakdan saklarsyňyz.
Eger öýde günde uruş, günde sögüş bolup dursa, şeýle durmuşyň uzaga gitmejegi düşnüklidir. Belki, öz ýaşaýan ýeriňizde ynanyp bolýan, maslahat berip bilýän adam bardyr. Şeýle adama maslahat salsaňyz, hem dert ýeňlär, hemem bir çykalga tapylar. Hormatly eneler, durmuşyň ýüküni, maşgalanyň keşigini diňe siz götermäge ukyplysyňyz. Çagalaryň bar umydy, arzuwy sizdedir. Çagalara howandar, geňeşdar bolsaňyz, olaryň başy bitin, ýüregi suwluja bolar.

* * *

Eziz gyzlar, size durmuşyň ýekeje gezek berilýändigini ýene-de bir gezek ýatladasymyz gelýär. Töweregiňize seretseňiz, akyldarlaryň, maslahat soralýan adamlaryň durmuşyna göz aýlasaňyz, bu durmuşyň hiç bir ynsana ýeňil düşmändigini bilersiňiz. Durmuşyň gowy ýeri köpdür. Şu owadan dünýäni görmek, ýüregi tämiz, işjanly adamlary tanamak, işläp bilmek, birine gerekdigiňi duýmak (ene-atań gartaşyp işden galanda, sen gereklikäň, indiki dünýä injek perzendiň bütin ömri saňa baglyka, gowy ýigidiň seniň ajyňy-süýjüňi paýlaşyp biljekdigi mümkin zatka), ýene-de şular ýaly ençeme zatlar garaşyp durka, bu dünýäden doýmaklyk gaty gabahat dälmi? Durmuşy söýmek gerek. Şonda gara günler geçer gider. Ene-ataňyzyň, hudaýyň beren ömrüniň gadyryny bilip, on iki synaňyzyň saglygyna şükür ediň! Bu dünýäniň ähli gözelligi siziňkidir.
»Men ony söýýärin, ýa ýöne ol bir-iki gezek meniň bilen duşuşdy-da soň görünmedi… Belki, ol geler…» Ine şeýle mazmundaky hatlar redaksiýa kän gelýär.
Söýgi – bu söýýän adamynyň daş-töweregindäki zatlara islegli nazar bilen hormatly garaýandygyndan habar berýär. Adamyny söýmek, hormatlamak bu söýýän hem söýülýän adamlaryň inçe duýgularyny bardygyndan, söýýän adamynyň ýüreginiň baýlygyndan, yhlaslydygyndan habar berýär. Adama mahsus bolan duýgularyň yhlasyndan habar berýär. Adama mahsus bolan duýgularyň içinde diňe söýgi adamda güýç, kuwwat, işeňňirlik,

durmuşa berk baglanyşyk ýaly häsiýetleri döredip bilýär. Söýginiň döremegi söýülýän adamynyň diňe gowy taraplaryny görkezýär. Söýýän adam şol gowy taraplardan başga taraplary görmegem, eşitmegem işlänok. Söýginiň batyl bolýandygyny söýüp bilýän adamlar adamyň dörän gününden bäri aýdyp gelýärler. Söýgi — beýik duýgy! Eger bu duýgy iki adamda deň derejede bolsa, onda olar bu dünýäde armansyz, ýaşap geçerler. Iň kyny, ejirlisem söýginiň bir adamda döräp, beýlekide hem bardyr öýdülmegidir. Ýöne köplenç beýle bolmaýar. Özüniň söýülmeýändigini duýman ýörenem, eger duýsa-da ýene has gowusy özüni söýer öýdüp, başgasyny gözläp ýörenem bar. Söýýän ýürek ilki ony duýmaz, duýansoň, ynanmaz, ynansa bolsa, umytda bolar ýa-da umydyny jaýlamaga başarar. Sebäbi hiç bir zamanda-da söýmeýän adamyny söýüp, söýgi gazanan, söýginiň hözirini gören ýok. Söýülýän kişi özüni bir adamynyň tüýs ýürekden söýendigini öz ýanyndan kanagatlanmak bilen ýatlasa, şol duýgyny öwünmek üçin däl-de, guwanmak üçin aýap saklasa, onda belki, ol adamyny söýeniňe-de deger. Käbiriniň söýülmäge mynasypdygy ýa däldigi hakynda oýlanmagy welin, unutmaly däl. Goý almanyň ömrüne hiç zat kölege salmasyn, göwnüne »ha-aý ýaş eken, nämynasyp adamyny tanap bilmändirin. Ol meni aldamagy başarypdyr» diýen ahmyr çekmesin.
Gyzlaryň haty durmuşyň köp taraplary hakynda gürrüň berýär. Olaryň zamanabap pikir ýöredip bilýänliginden, dünýägaraýşynyň köptaraplylygyndan habar berýär…

Owadan GURDOWA.

«Owadan» žurnaly, 1993. Pedagogika we edep-terbiýe